# Oýnaş pidasy

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oýnaş pidasy

OÝNAŞ PIDASY

Köp aýallylyk hakda ýazmaly, pikir alyşmaly, oýlanyşmaly. Bu meselede gürrüň edere zat kän. Iki aýallylyk ýa-da köp aýallylyk öňem bolupdy, häzirem bar, soňam bolar. Ony gizläp oturmagyň hajaty ýok. Başaran iki aýaly saklar, başarmadyk birini. Elbetde, köp aýallynyň gerdenine agyr ýük düşýär. Iki hojalygy ýöretmek ýeňil däl. Şonuň üçin-de iki aýallynyň problemasy birneme köpräk bolmagy ähtimal. Ýöne bir maşgalany-da saklap bilmän, ýagny oňuşman, urşup-sögüşip ýa-da aýrylyşyp ýörenlere-de duşýarys. Köplenç halatda bar günäni zenan tarapa syrykdyrýarys. Oňşuksyz diýýäris, garaz gep tapylýar. Indi-indiler-ä şeýle ýagdaý ýüze çyksa, "Adamsy narkoman bolaýmasa?" diýen şübheli gürrüňler döräp ugrady. Ýöne mesele düýpli. Maşgala syrlary has çuňňur gelýär. Oňa senli-menli düşünmez, oňa diňe ýaşaşýan är hem aýal düşüner.
Eger maşgaladaky näsazlyk iki aýallylarda dörese, onda derrew: "Munuň soňy hökman şeýle bolaýmaly! Iki aýallylyk hiç haçan gowulyga eltmez" diýilýär. Içgin synlasaň, bu ýerde-de syr kändir. Biz oňa-da hiç haçan düýbi-teýkary bilen düşünip bilmeris.
Durmuşda bir maşgalasy bilen-de, iki maşgala bilen-de äbe-jüýbe ýaşap ýörenlerem kän. Oňaryşyňa bagly bu zatlar. Şonuň üçinem peşeden pil ýasap ýörmeli däl. Taraplar ylalaşýmy, goý, iki däl, üç, dört aýal bir erkek bilen şärikli ýaşaşsyn. Meniň pikirimçe, muny hiç bir weçden ýazgarmaly däl. Dünýewi döwletde islendik adamynyň durmuşa öz düşünişi, öz garaýşy bolup biler. Adamyny şol garaýyşdan, düşünjeden zorluk bilen mahrum etmek başartmaz. Jemgyýet şol zatlary göterse, aýby ýok. Eger götermese ýa-da kanuna sygmasa, bu başga gürrüň.
Köp aýallylyk temasy meni başgaçarak gürrüňlere-de atardy.

Olam oýnaş meselesi. Ýaşyrmalyň. Köp aýallylygam öňde-soňda bolşy ýaly, oýnaş tutunmak meselesi-de ata-baba bar zat. Bu şäher ýerinde-de bar, oba ýerinde-de. Oba ýerinde seýregräk. Seýregrägem bolsa, oba ýerinde bu zatlar çalt aňylýar, gürrüň tiz ýaýraýar. Oglankak bir boý ýigidiň goňşusynyň gelni bilen tutulanyny ýa-da bir gelniň esger ýigit bilen ýatyrka üstüni adamsynyň basanyny eşidipdik. Gowy ýeri, bu hapaçylygyň soňy pajygaly ýagdaýlara eltmedi. Iki wakanyň soňy-da "gowulyk" bilen gutardy, ýagny aýrylyşdylar.
Başga-da bir waka ýadymda galypdyr. Aýalyny oýnaşy bilen tutan biri ikisini-de öldüripdir. Dogry, by edil biziň obamyzda bolmandy. Ýöne, şonda-da, muny eşiden adamlar: "Ikisinem öldüren bolsa, gaty oňaraýypdyr" diýişdiler. Bizem, öz ýanymyzdan, ulularyň bu sözüni makullaýardyk, goldaýardyk.
Indi nähili? Çynymy aýtsam, häzir ikirjiňlendirýär. Adamyň ganyna galmak diliňde aňsat. Bar, hökümetem, Hudaýam seniň günäňi geçdi diýeli, il-günem seniň etmişiňi ýazgaranok diýeli. Täzeden öýlen, täzeden durmuş gur, arkaýyn ýaýna, gez ~ ýöne eden etmişiň, jenaýatyň göz öňüňe gelip durmazmy, düýşüňe girmezmi, derläp-derläp oýanmazmyň, wyždan azabyň beýniňi iýmezmi? Megerem, adamynyň ganyna galyp, galan ömrüňi rahat geçirmek aňsat däldir. Ýogsa, seniň ganyna galan adamlaryň saňa dönüklik edendirlerem, hyýanat edendirlerem. Men şeýle jenaýat eden adamlaryň käbiriniň akylyndan azaşyp, dälihana düşendiklerini-de bilýärin.
Okyjylaryň maňa dogry düşünmegini isleýärin. Men oýnaşly meseläniň hiç tarapynyň-da aklawjysy däl. Ynsanyň gahary kekirdegine gelende ýa namys, mertebe ara düşende ol özüni duýmaz hetdine ýetip biler, näme edýänini-de unudyp biler. Hatda ömründe towugyň damagyny çalmaga ýüregi gyýmaýanyň elhenç hereketler etmegi mümkin.
Şeýle mysaly daşdan gözlemeli däl. Ine, namys astynda galan gül ýaly ýigidiň ~ kärdeşimiň hem ozalky işdeş ýoldaşymyň maňa ýazan hatyndan setirler:

"Näçe kyn hem bolsa, aýtmak agyr hem bolsa, siziň hemmäňize türme salamyny ýollaýaryn. Ýöne, Çary agam, meniň ýetim

ýüregim diñe sessiz aglaýar. Şol sebäpli şu hatymyñ üsti bilen derdimi paýlaşasym gelýär.
Namys orta düşende adam näme edýändigini bilmez eken. Men maşgala namysyna Watan namysy diýip düşünýärin. Maşgala namysyny gorap bilmesem, Watan namysyny nähili goraýyn? Men aýalymy biçak gowy görýärdim, ýüregimden söýýärdim hem merhum ejem pahyra deñäp, oña ynanýardym.
Gije sagat birlerde biriniñ mal ýatagynyñ ýanynda maşyndan düşende ony oglum Amangeldi ikimiz bile tutduk. Men aýalyna düşündirjek bolup, 4-5 gün jan etdim. Emma hiç hili netije bermedi. Diñe "Gezdim, gezýän, gezjek!" diýen sözleri eşitmeli boldum. Aýalymyñ aýdýan bu sözlerine men çydap bilmän ony atdym. Nähili, nädip bu işleri edenimi özüm hem duýmadym. Men bu işi öldürmek maksady bilen etmedim. Diñe gorkuzmak bilen toba getirerin öýtdüm… Indi boljak zat boldy. 15 ýyl iş kesdiler…
Zyýany ýok, agam; kysmatdyr-da. Meniñ gynanýan zadym, ýekeje oglum Amangeldi jan hem ýetim ösmeli boldy. Ine, şu ýeri mañ gaty agyr degýär… Wagt geler, meniñ etmişim türkmençilik babatda, belki-de, tasa geler diýip tama edýärin. Ana, şonda hak bilen nähak öz arasyny açar…"

Käbir etiki hem beýleki sebäplere görä, Annamyradyñ hatyny doly mysal getirmedim. Ýagdaý, umuman düşnükli. Ine, şu aýylganç wakany eşiden adamlaryñ-da pikiri dürli çykdy. Her kimem öz ýanyndan mamla. Biri: "Oñarypdyr. Köp kişiniñ şeýtmäge gaýraty-da çatmaz" diýse, ikinjisi: "Beýtmeli däl eken. Hem adam ganyna galdy, hem özi köýdi, üstesine-de ogluny ýetim galdyrdy. Aýrylyşyp dynaýmaly eken!" diýdi, üçünji biri: "Howlugypdyr. Aýaly bilen oýnaşyny bile tutup, bir ýerde atmaly eken. Şeýtse, günäsi ýeñlärdi" diýdi.
Oturan ýeriñden akyl bermek añsat, ýöne özüñi Annamyradyñ ýerinde goýmak kyn. Hernä hiç kimi goýmaly-da etmesin. Men Annamyradyñ polady ýumşak, sypaýy kişidigini aýdanym bilen onuñ ýürek ýarasy añsat-añsat gowzar öýdemok. Ýöne hakykaty aýtmak gerek. Ony gowy görýärdik, hormatlaýardyk. Şu adam şeýle iş eder diýip ýatsak-tursak oýumyza-da getirmezdik. Ýene

we ýene bir sapar nygtaýaryn: namys orta düşende, ol adamyny her hili ýagdaýlara eltýän eken.
Bu ýazgylarymda Annamyradyñ şol etmişini derñemegi maksat edinmedim. Iş, hakykatdanam, çylşyrymly. Ýöne bir zat oýlandyrýar. Eger Annamyrat aýalyny oýnaşy bilen bile tutup, ikisini-de bile atanlygynda onuñ jezasy kän ýeñilleşmeli. Çünki bu iş güýçli ruhy tolgunma (ýagny: "совершённое в состоянии аффекта" -t.b.) netijesinde edilen iş hökmünde häsiýetlendirilýär. Onuñ häzirki jenaýaty bolsa Türkmenistanyñ Jenaýat kodeksine laýyklykda ýörite oýlanyp-ölçerilip edilen planly jenaýat. Munuñ üçin agyrdan-agyr jeza berilýär.
Şu ýerde içiñ byjyklaýar: haçana çenli aýalyñy oýnaşy bilen bile tutjak bolup yzarlap ýörjek? Onsoñam, namysyna deglen adamynyñ tä içini sowadynça dälilik hetdine ýetmegi mümkin. Oña akyly-huşy ýerindäki adam diýip kepil geçip bolarmy? Ol tä aryny alýança planam biçer, oýlanşaram. Şulary nygtamak bilen Annamyrady aklamak islämok. Mesele başga zatda. Islendik halkyñ özüne mahsus edim-gylymy, psihologiýasy, däp-dessury, durmuş uklady bolýar. Şol mahsus zatlar onuñ ata-babadan ganyna siñýär. Türkmen öz aýalynyñ ikilik etmegini namysyna degildigi, ojagynyñ depelendigi hasaplaýar. Namys astynda galanyñ köplenç gözi zat görmeýär. Sebäbi islendik kişi üçin maşgala kiçijik Watan. Kiçijik Watanyna şek ýetirilenden her hili aýylgançlyklara garaşmak mümkin. Bu biziñ ganymyza siñipdir. Ol biziñ durmuşymyz, biziñ psihologiýamyz. Ýewropa ýurtlarynda beýle ýagdaýlar känbir geñem görlenok. Ylalaşyp aýrylyşýarlar. Wessalam. Biz olary geñ göremzok. Sebäbi bu olaryñ durmuş uklady. Onuñ gowudygyny ýa-da ýaramazdygyny seljermek bize galmandyr. Seljermegiñ zerurlygy-da ýok. Her halk öz durmuş ukladyna, däbine-dessuryna görä ýaşaýar.
Aýdyşlaryna görä Amerikanyñ Birleşen Ştatlarynyñ her bir ştatyndaky kanunçylyk biri-biriniñkä meñzemeýär. Bir ştatda bir jenaýat üçin dözümliräk daralsa, beýleki ştatda şol jenaýat üçin ýeñilräk jeza berilýär. Näme üçin? Sebäbi her bir ştatyñ ilatynyñ özüne mahsus durmuş uklady bar. Jenaýat kodeksi düzülende-de şol aýratynlyklardan ugur alnypdyr.
Türkmenistanyñ Jenaýat kodeksiniñ 16-njy babynyñ 102-nji

maddasynda şeýle diýilýär:

"Jebir çekeniň zorluk ulanmagy, masgaralamagy ýa-da agyr kemsitmegi ýa-da gaýry bikanun ýa-da ahlaksyz hereketleri (hereketsizligi), şeýle hem jebir çekeniň yzygiderli hukuga ters gelýän ýa-da özüni ahlaksyz alyp barmagy bilen baglylykda dörän uzak wagtlap akyly maýyp edihi ýagdaý netijiesinde birden dörän güýçli ruhy tolgunmasy (gazaplanmasy) ýagdaýynda adam öldürene,
bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Kanun çylşyrymly närse. Ony çigit çigitlän ýaly etmek kämahal ýuristlere-de kyn düşýär. Şeýle bir jenaýatlar bolýar. Ony belli bir madda laýyklamagyň özi-de kyn düşýär. Annamyradyň işi 102-nji madda laýyk gelmedi. Bärde onuň jedelini edemok. Güýçli ruhy tolgunma diýilýän adamda bir pursatlyk däl, eýsem kän pursatlyk, ýagny bäş gün, on gün dowam edip biler. Indi özüňiz oýlanyp görüň: Annamyrat aýaly bilen düşünişmek isläpdir. Emma ol "Gezdim, gezýän, gezjek!" diýip adamsyny öňküden-de öjükdiripdir, dogrusy, dälilik hetdine ýetiripdir. Şeýlelikde, ýigidiň ar-namys duýgusy, sözüň doly manysynda, guduzlapdyr. Erkeklik mertebesi, duýgusy, ar-namysy sähelçe bar kişi şeýle ýagdaýda iki tarapyny deňlär, tä içini sowadynça guduzlykdan aýňalyp bilmez. Annamyradyňkam, megerem, şeýleräk bolandyr.
Maşgala namysy orta düşende Anmamyrat ýaly, jenaýata alaçsyz ýüz urýanlaryň ykbaly hiç haçan parhsyz galdyrylmaly däldir. Sebäbi durmuşda şeýle ýagdaýlar juda seýrek duş gelýär. Belki, munuň üçin Jenaýat kodeksinde ýörite madda gerekdir ýa-da punkt gerekdir, onçasyny bilmedim, ýöne halkymyzyň şunuň ýaly pajygaly halatdaky milli aýratynlyklary, gönüläp aýdanymyzda, türkmen psihologiýasy, meniň pikirimçe, göz öňünde tutulaýmaly.
Öňem aýdypdym, ýene bir ýola ýatladýaryn ~ Annamyratdan gahryman ýasamak islämok. Ony gowy görenim üçin arka duraýynam diýemok. Men diňe käbir ýagdaýlary aýdyňlaşdyryp, öz pikirimi, teklibimi öňe sürdüm. Annamyradyň derdi ýetik. Häzir ony

türmeden çykaryp, dört tarapyñ açyk diýeniñde-de ol galan ömrüni ruhy ezýet bilen geçirer. Bu aýylganç waka hemişe onuñ ýüregini myncgalar, azar berer. Hawa, ruhy ejirden agyr jeza ýok. Nätjek. Bu Annamyradyñ öz aýdyşy ýaly kysmatdyr-da. Ondan gaçyp gutuljak ýeriñ ýok.
Kanunlarda milli özboluşlyklar ýaly irnik meselä juda seresaply çemeleşmeli. Türkmeniñ urp-adaty, däp-dessury, psihologiýasy, etniki aýratynlyklary adyl kanunlarda güýjüni ýörediberse, onda geljekde Annamyrat ýalylaryñ-da täleýinde öwrülişik bolaýmagy mümkin.
Şu setirleri ýazyp otyrkam Annamyradyñ tussag möhletiniñ on bäş ýylynyñ üç ýylynyñ kemeldilendigini eşitdim. Herhal, sähel ýeñillik hem ~ gowy zat. Ýöne, megerem, Annamyradyñ özi düýpli öwrülişige garaşýandyr. Bizem.

Çary GELDIMYRADOW.

"WATAN" gazeti, 1997

Jemgyýetçilik tankydy